THE ASHGABAT TIMES

# Türkmenistanly söweşiji Döwletjan Ýagşymyradow 2024-nji ýylyň PFL dünýä çempionatynda ýeňişli ýörişini dowam etdirer

29-njy noýabrda Saud Arabystanynyň Er-Riýad şäherindäki Saud Korollyk Uniwersitetiniň stadionynda amerikaly Impa Kasanganay bilen ýarym agyr agramda Gran-priniň finalynda duşuşar. Bu waka ESPN+ teleýaýlymynda görkeziler.

Ýagşymyradow ABŞ-nyň Golliwud şäherinde geçirilen PFL 8 ýarym finalynda awstraliýaly Rob Wilkinsony eminleriň biragyzdan çykaran karary bilen (30-27, 30-27, 30-27) ýeňip, yzly-yzyna 6-njy ýeňşini gazandy. Bu ýeňiş onuň PFL ýaryşlarynda üçünji ýeňşi bolup, Gran-priniň finalyna çykmagyna mümkinçilik berdi.

Final söweşinde onuň garşydaşy boljak Impa Kasanganay hem täsirli rekord bilen tanalýar we howply garşydaş hökmünde özüni görkezdi. Ýagşymyradowyň Kasanganay bilen söweşi agşamyň esasy wakalarynyň biri bolup, tutuş dünýäde garyşyk söweş sungatynyň muşdaklarynyň ünsüni çeker.

Все права защищены

21.11.2024